# Poeziýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Poeziýa POEZIÝA

Ördüm setirlerden kiçijek diwar,
Şolarda söýgi bar, mähir, duýgy bar.

Söýgä sataşamda galmadym azat,
Gözlegim miwesiz – tapmadym hiç zat.

Öýkündim, meňzetdim, ne hala ýetdim,
Özüm bolmazlykdan nämeler etdim.

“Ilkinji söýgüm meň paşmady” diýdim,
“Köp arzuw amala aşmady” diýdim.

Şeýtdim-de söýgüden arany açdym.
Söýgüsiz ne menzil, ne-de ýol aşdym.

Şahyra ýüzlendim:”Ýazmaga zar men,
Elimde kagyzym, galamym bar meň”

Şeýtdim-de poeziýa ýüregmi berdim,
Saplandym, şol meniň bejerdi derdim.

…Kimlere poeziýa gazaply kazy.
Kimlere ajaýyp aýdymyň sazy.

✏ AHALLY Goşgular